**Frank Baum**

# Ozyň täsin Jadygöýi

## I bölüm
## Harasat



Doroty Genri daýysy we Em daýzasy bilen Kanzasdaky obanyň merkezinde ýaşaýardy. Olar daýhandylar. Olaryň üçüsi hem bir otagdan ybarat kiçijik öýde ýaşaýarlar. Otagda dört oturgyç, stol we iki sany krowat bardy. Otagyň iň bir täsin ýeri hem diwaryň ortarasynda kiçijik gapynyň barlygydy. Eger-de siz ony açsaňyz, aşak gidýän başgançak bilen “harasatyň ýerzemini” diýip atlandyrylýan topragyň çuň ýerine baryp bilersiniz. Maşgala bu ýere haçan-da harasat gelip olaryň öýüni ýykanda gelýärdi.

Haçanda Doroty kiçijik öýüň gapysynyň agzynda durup daş-töweregine sereden-de ol sary meýdandan başga hiç zat görmeýärdi. Bu Galaýy odun çapyjy töwerekde jaýlaram, agaçlaram ýokdy, diňe güne ýanan sary otlar bardy. Meýdanyň güýçli güni we şemal Genri daýysynyň we Em daýzasynyň ýaňaklarynyň, gözleriniň reňkini öçüripdi we olary hem sary edip

galdyrypdy. Diňe Toto sary däldi. Ol kiçijik garaja güjükdi. Onuň kiçijik ýüzündäki kiçijik garaja gözleri Dorota gülüp bakardy. Toto bilen Doroty iň gowy dostdylar we olar adatça bütin gün bile oýnardylar. Emma bu gün olar oýnamadylar. Olar gapynyň agzynda oturyp adatdakysyndan tutuksy görünýän asmana seredip oturan Genri daýysyna seredýärdiler.



Onuň ýüzi salykdy we haçanda ol demirgazykdan öwüsýän şemalyň iňňildisiňi eşidende ýerinden turdy we şeýle diýdi:

“Bu harasat. Siz ikiňiz ýerzemine gidiň, men bolsa haýwanlara seredeýin”.

Edil şol pursat Toto Dorotynyň elinden böküp ýere düşdi we krowadyň aşagynda gizlendi. Em daýzasy kiçijik gapyny açyp, başgançak bilen ýerzemine düşýänça Doroty güjügine tarap ylgady. Haçanda Doroty ahyry Totony tutanda we daýzasynyň yzy bilen ýerzemine girenden soň, üýtgeşik bir zat boldy.

Güýçli şemal öýi şeýle bir yrgyldatdy welin Doroty pola ýykyldy. Soňra bolsa öý hereket edip başlady we edil howa şary ýaly ýokary galyp başlady. Demirgazykdan we günortadan öwüsýän şemal öýüň duran ýerinde çaknyşdy we ol ýerini harasatyň merkezine öwürdi. Harasatyň merkezindäki howa hereketsizdi emma şemalyň güýçli basyşy kiçijik öýi barha ýokaryk galdyrýardy. Öý harasatyň dik depesine çenli gitdi we edil ýelek ýaly birnäçe mil aňryk gaýyp gitdi. Öýüň içi garaňkydy, daşardaky şemalyň sesi elhençdi, Doroty bolsa öýüň howada asuda gaýyp barýanlygyna geň galýardy. Toto muny halamady we kiçijik gyz ony ellerinde saklap oturdy. Birnäçe sagatdan soň olaryň ikisem şeýle bir ýadadylar welin erbet agyra seretmezden polda uklap galdylar.

Öý ahyry güýçli sarsgyn bilen ýere düşende olar oýandylar. Doroty ýerinden turdy we öýüň indi süýüşmeýändigini duýdy. Öýüň içi indi garanky däldi. Ol aýak üstüne galdy we gapa tarap ýöredi we ony açdy. Ol daş-töweregine seretdi we onuň gözleri gitdigiçe ulalyp başlady.

Görüp otursa harasat öýi ajaýyp bir ýurdyň ortarasynda goýupdyr. Daş-töwerek dürli reňkdäki gülli göm-gök otlukdy. Owadan guşlar baglarda we gyrymsy agaçlarda aýdym aýdýardylar.

Soňra Doroty baglaryň aralygy bilen özüne tarap gelýän bir topar adamlary gördi. Olaryň üçüsi başyndan aýagyna çenli gök

reňk geýinen erkek adamlardy, biri bolsa aýal bolup ol kümüş ýyldyzly ak eşikdedi. Haçanda olar Dorotynyň özlerine tarap seredýändigini bilenlerinde üç sany erkek adam edil gorkan ýaly bolup durdylar. Emma kiçijik aýal Dorotynyň ýanyna geldi we hoş owazy bilen: “Munçkinleriň ýurdyna hoş geldiňiz Beýik Jadygöý. Biz saňa Zalym Jadygöýi öldürip Munçkiniň adamlaryny azat edeniň üçin minnetdardyrys.” diýdi.



Doroty öz eşidýänlerine ynanyp bilmedi. Bu zatlar nämäni aňladýar?

“Siz örän mylaktly, emma bu ýerde bir ýalňyşlyk bar.” diýip ol aýtdy. “Men Jadygöý däl we men entäk durmuşymda yekeje zadam öldürip göremok.”

“Nähili bolsa-da muny siziň öýüňiz etdi. Serediň!” diýip kiçijik aýal güldi we öýüň bir burçuny görkezdi. Doroty şol tarapa seretdi we öýüň aşagynda galan kümüş boluň iki sany inçejik aýaklary gördi.

“Eý Hudaý! Eý Hudaý!” diýip Doroty gygyrdy. “Öý onuň üstüne gaçandyr! Ýöne ol kim?” diýip Doroty sorady.

“Ol Gündogaryň zalym Jadygöýi diýip men aýtdyma” diýip kiçijik aýal jogap berdi. “Ol hakykatdanam örän elhençdi we zalymdy. Ol bu ajaýyp ýurtda höküm sürdi, Munçkiniň adamlaryny gije-gündiz gul edip ulandy. Häzir bolsa olar azat we saňa örän minnetdardyrlar.”

“Men görýärin.” diýip Doroty aýtdy we bu zatlaryň hakykatdan hem geňdigi barada oýlandy.

“Emma men Munçkinli däl.” diýip ol aýal aýtdy. “Men Demirgazygyň Gowy Jadygöýi.”

“Çynyňmy?” Dorotynyň gözleri ulaldy. “Men hemme Jadygöýler erbetdir öýdýärdim.”

“Ýok, bu uly ýalňyşlyk. Oz Ýurdunda diňe dört sany Jadygöý bar. Olaryň ikisi – Demirgazykda we Günortada ýaşaýanlary - gowy Jadygöýler. Gündogarda we Günbatarda bolsa iki sany zalym Jadygöýler ýaşaýarlar. Edil şu wagt sen olaryň birini öldürdiň, şeýlelikde Oz Ýurdyňda diňe bir sany zalym Jadygöý galdy.”

Şu ýerde Demirgazyk Jadygöýi süzüni böldi we öýüň burçuňa seretdi – Munçkinlylar hem şol wagt şol ýerini görkezýärdiler. Ölen Jadygöýiň aýagy gaýyp boldy we ondan bar galan zat bir jübüt kümüş köwüş boldy. Demirgazyk Jadygöýi olary galdyrdy we Dorota berdi. “Bular seniňki. Zalym Jadygöý olara örän guwanardy, sebäbi olaryň jadyly güýji bar. Ýöne welin onuň nähili güýçdigini men bilemok.”

“Sag boluň!” diýip Doroty köwüşleri aldy. “Ýöne men häzir çynym bilen Kanzasdaky öýümize dolanmak isleýärin. Bolmasa meniň Em daýzam alada eder. Maňa öýümize barýan ýoly tapmaga kömek edersiňizmi?”

“Kanzas” diýip Jadygöý pikirlenip aýtdy. “Men beýle ýeriň niredeligini bilmeýänligime ynamly. Meniň bar bilýän zadym, olam Oz Ýurdyňyň çöl bilen gurşalandygy we ony hiç kimiň geçip bilmeýänligi. Mähribanym, sen biz bilen galmaly bolaýmasaň.”

Haçanda Doroty bu zatlary eşidende, onuň gözlerine yaş aýlandy we ol aglap başlady. Munçkinlylar oňa duýgudaşlyk bildirdiler we özleriniň gök balaklarynyň jübülerinden gök el ýaglyklaryny çykaryp aglap başladylar. Diňe Demirgazyk Jadygöýi aglanokdy. Oňa derek ol haýallyk bilen özüniň ak papagyny çykaryp onuň  içine seretdi we okady: “Goý Doroty Zümerret  şäherine gitsin.” “Mähribanym, eger-de seniň adyň Doroty bolsa sen Zümerret  şäherine gitmeli bolarsyň. Belki-de Oz saňa kömek eder” diýip Jadygöý Dorota usullyk bilen seretdi.

“Ol şäher nirede?” diýip Doroty sorady we göz yaşlaryny süpürdi.

“Ol edil ýurduň ortarasynda ýerleşýär we Oz atly Beýik Jagygöý tarapyndan dolandyrylýar.”

“Men ol ýere nädip giderin?” diýip kiçijik gyz sorady.

“Sen ýöremeli bolarsyň. Zümerret Şäherine barýan ýol sary kerpiçden edilendir. Şol ýol bilen gitseň azaşmarsyň. Şeýle hem men saňa öz posamy bererin, ol seni görer. Hiç kim Demirgazyk Jadygöýiniň ogşan adamsyna zeper ýetirmäge milt edip bilmez.”

Ol Dorotynyň ýanyna geldi we gyzyn maňlaýyndan ogşady. Posa gyzyn maňlaýynda ýalpyldap duran yz galdyrdy.

“Işiň şowly bolsun, meniň Mähribanym” diýip Jadygöý aýtdy we gözden gaýyp boldy.

## II bölüm
## Garantga we Galaýy odun çapyjy



Doroty wagty yitirmezligi we mümkin boldugyça basymrak Zümerret şäherine ýola düşmäge çalyşdy. Soňra ol aşak, öz aýaklaryna seredeninde köwşüniň könedigini gördi. Bagtyna ol Demirgazyk Jadygöýiniň özüne beren owadanja kümüş köwüşlerini ýadyna saldy. Ol köwüşleri geýmäge çalyşdy we olar oňa laýyk boldy. Şuňa görä-de ol ýerinden turdy we aýtdy: “Ýanyma gel Toto. Biz Beýik Ozy görmäge gidýäris we ol bizi Kanzasa öýümize iberer.”

Olar sary kerpiçden edilen ýoly derrew tapdylar we basym Zümerret şäherine tarap ýöräp ugradylar. Olar ýöräp barýarkalar daş-töwereklerine seretdiler we Munçkinlylaryň ýurdynyň ajaýyplygyna göz ýetirdiler. Hemme ýerde kiçijik gök öýli we gowuja gök haýatly ýaşyl meýdanlar bardy. Munçkinlylar gowy daýhanlar ýaly bolup görünýärdi. Gök reňk bolsa olaryň söýgüli reňkidi.

Haçanda Doroty dynç almak üçin durmaly bolar diýip pikir edende olar eýýäm birnäçe mil geçipdiler. Olar ýoluň ýanyndaky gök haýada çykdylar we oturdylar. Haýadyň beýleki tarapynda uly däne meýdany bardy. Daş bolmadyk ýerde ol dänäni guşlardan goramak üçin beýik sütünde goýlan Garantgany gördi. Doroty öz görenleriniň içinde bu iň gowy Garantga diýip pikir etdi. Onuň samandan doldurylyp dykylan sumkadan edilen kellesi, gözleri, gulaklary, agzy we owadan burny bardy. Onuň kellesinde gök papagy bardy, göwresiniň galan bölegi bolsa gök köýnekden we balakdan edilendi, olar hem samandan doldurylandy.

Birden Dorotyny haýran galdyran zat boldy. Garantganyň ýüzündäki gözleri hereket etdi we: “Gündiziň haýyrly bolsun! Ýagdaýlaryň nähili?” diýdi.

“Örän gowy, sag boluň” diýip Doroty mylaýymlyk bilen jogap berdi we şol bir wagtyň özünde-de hiç haçan gürleýän Garantgany görmänligi barada pikir etdi. “Oz ýagdaýlaryň nähili?”

“Meniň ýagdaýlaryma öwerlikli däl” diýip Garantga ýylgyryp jogap berdi. “Men bu sütünde bütin günläp durmagy islämok”.

Doroty: “Sen aşak düşüp bilýänmi?” diýip soranynda, Garantga: “Eger-de sen kömek etmeseň başaramok” diýip jogap berdi.



Doroty haýatdan böküp geçdi, Garantganyň ýanyna bardy, ony sütünden aýyrdy we ýerde goýdy.

“Köp-köp sag bol” diýip Garantga aýtdy hem-de samandan doldurylan ellerini we aýaklaryny süýndirdi. Doroty onuň diňe bir gepläp däl eýsem ýöräp bilýänligini hem gördi. Ol gyzjagaz bilen haýada tarap ýöredi we soňra sorady:

“Sen kim? Sen nirä barýarsyň?”

Doroty oňa başyndan geçiren hemme zatlaryny gürrüň berdi, özüniň Zümerret şäherine syýahatyny we Ozdan özüni Kanzasdaky öýlerine ibermegini haýyş etjekligi barada aýdyp berdi.

“Oz kim?” diýip Garantga sorady.

“Sen bileňokmy?” diýip Doroty geň galyjylyk bilen sorady.

“Ýok. Men bilemok. Men hiç zat bilemok. Sen görýäňa, men samandan doldurylan we meniň beýnim ýok” diýip ol gaýgyly jogap berdi. “Sen nähili pikir edýärsiň” diýip ol biraz dymyşlykdan soň goşdy, “eger-de men seniň bilen Zümerret şäherine gitsem Oz maňa biraz akyl bermezmika?”

“Men-ä bilmedim” diýip Doroty jogap berdi. “Meniň bilen git. Hat-da Oz saňa akyl bermäýende-de sen şu wagtky ýagdaýyňdan erbet bolmarsyn. Munuň hemmesi edeniňe degýär”. “Seniňki dogry” diýip Garantga goldady.

“Geliň gideliň” diýip Doroty aýtdy we olaryň üçüsem sary kerpiçli ýoluň boýy bilen ýöräp ugradylar.

Agşam golaýlaşyp gelýärdi, birnäçe sagat ýöränlerinden soň olar uly bir tokaýa ýetdiler. Olar ahyry gije ýatmak üçin durmaly diýen karara gelenlerinde garaňky doly düşüpdi. Gije hem edil

gündizdäki ýaly gowy görýän Garantga ýoluň bir gyrasynda kiçijik jaýy gördi. Doroty bu ýerde ýatyp bolar diýip pikir etdi. Jaýda hiç kim ýokdy, şol sebäpli hem olar özlerini öýlerinde ýaly duýdylar. Basym Dorotynyň ukysy geldi, Garantga bolsa ýatmaklyk zerur bolmanlygy üçin nobatçylyk edip başlady.

Ertesi gün irden Doroty oýananda, ol jaýyň burçunda onuň oýanaryna garaşyp duran Garantgany görýär.

“Diňle!” diýip ol aýtdy.

Soňra agaçlaryň arasyndan geň bir ses eşidildi, edil kimdir biri bir zat aýtjak bolýan ýaly. “Bu näme?” diýip Doroty sorady. “Ýör, gidip göreli!”

Olar sesiň gelýän tarapyna gitdiler we basym agaçlaryň arasynda ýalpyldaýan bir zady gördüler.Olar şol tarapa ýörediler we ikä bölünen agajy hem-de bir adamy gördüler. Muňa seretmezden ol hakyky adam däl-di. Onuň tutuş göwresi, elleri we aýaklary misden edilendi. Ol bu ýerde hiç hili gymyldaman, iki eli bilen palta ýapyşyp durdy.

“Sen bir zat aýtmak isleýärmiň?” diýip Doroty sorady,

“Hawa” diýip Galaýy odun çapyjy kynlyk bilen jogap berdi.

“Biz seniň üçin näme edip bileris?” diýip gyz sorady.

“Öýden içi ýagly gaby getiriň we meniň boýnumy, ellerimi hem-de aýaklarymy ýaglaň” diýip Galaýy odun çapyjy aýtdy. “Olar şeýle bir poslapdyrlar welin men olary gymyldadyp bilemok”.

Doroty öýe gitdi we basym içi ýagly gap bilen dolanyp geldi. Garantganyň kömegi bilen ol ýagy onuň aýaklaryna we boýnuna çaldy. Basym ol özüni edil täzeje ýaly gowy duýdy we öňkä

garanyňda ýeňillik bilen gürledi we gezmeledi. Şonuň bilen bir wagtda olar oňa öz başdan geçirenlerini, Beýik Ozy görmäge barýandyklaryny gürrüň berdiler. Ondan Dorota öýüne dolanmaga, Garantga bolsa akyl bermegini sorajakdyklaryny hem aýtdylar.

“Men görýärin” diýip Galaýy odun çapyjy olar gutaranlaryndan soň aýtdy. “Emma akyl dünýäde iň gowy zat däldir. Bir wagtlar meniňem akylym bilen ýüregim bardy. Ýöne olaryň ikisine-de derek ýüregimiň bolmagyny isleýärin”.



“Näme üçin beýle?” diýip gyzyklanan Garantga sorady.

“Wah” diýip Galaýy odun çapyjy gamgynlyk bilen demini aldy. “Men hemişe misden däldim. Men adam bolup dogulypdym. Men ýaş wagtym ajaýyp Munçkinli bir gyza aşyk boldum. Biz durmuş gurmakçydyk.

Emma Gündogaryň Zalym Jadygöýi muny halamady. Ol meniň paltamy jadylady we bir gün men agaç çapyp ýörkam palta elimden sypdy we sag aýagymy çapdy. Men bir aýagym bilen odunçy bolup biljek däldim, şonuň üçin men demirçiniň ýanyna gitdim we maňa misden täze aýak ýasap bermegini soradym. Ol muny etdi we meniň täze aýagym örän gowy işleýärdi. Ýöne ertesi gün meniň paltam yene-de elimden sypdy we men çep aýagymy hem ýitirdim. Şeýlelikde men ýene-de demirçiniň ýanyna gitdim we ol maňa täze aýakdan başga tutuş göwre ýasap berdi. Emma ol ýüregimi ýasap bilmedi. Meniň göwräm gowy işleýärdi, emma meň ýüregimi ýitirenligim sebäpli Munçkinli gyza bolan söýgimi hem ýitirdim. Men ony bir sapar ýadymdan çykaryp,çagba galdym. Men  şeýle bir poslapdyryn, tä siz halas edýänçäňiz hatda ýerimdenem bytnap bilmedim. Tutuş bir ýyllap şol ýagdaýda tokaýda galmak gaty elhenç. Şeýlelikde meň pikirlenmäge köp wagtym boldy. Şondan soň men ýüreksiz bolanyňdan ýürekli bolmagyň uly bagtdygyna düşündim. Belki men siz bilen Zümerret  şäherine gitmelidirin men sizden birje zat soraýan. Soňky iki güniň içinde men ikiden gowrak zeper çekenim sebäpli demirçi ussa meň üçin täzeje jübüt el bilen aýak ýasap berdi. Ertesi gün şol palta meň kellämi çapanda welin men indi gaýdyp ýaşaryn öýtmedim,edil şol wagt meň bagtyma öýmiziň ýanyndan demirçi ussa geçip barýady. Ol maňa başardygyndan tizden tiz täze kelle ýasap berdi. Soňky gün

demirçi ussa maňa iň soňky kömegini etdi. Şol palta meň gursagymy ikä böldi. Demirçi ussa maňa ony hem ýasady.”

## III bölüm
## Gorkak Ýolbars we syçanlaryň şa zenany



Dört dost barmaly ýerlerine başardyklaryndan çalt barmakçydylar emma tokaýyň mele ýodasy boýy gitmeklik barha ýüregiňe düşýärdi.Howa garaňkydy hemem gorkunçdy, her wagtan olar baglaryň arasyndan haýwanyň arryllysyny eşdýädiler.

Bir sagatdagy garaňkyda ýöränlerinden soň “Heý bu tokaýyň aňyrsy görünjek dälmikä?” diýip Doroty aglady.Edil şolbada-da baglaryň içinden hakyky arlaýan ses geldi. Birden bir äpet Ýolbars bökdi-de olaryň oňünde durdy. Kiçijik Toto üýrüp oňa tarap topuldy. Eger Doroty Ýolbarsy burnuna urup saklamadyk bolsa onda ol haýwan güjüjegi dişlejekdi.

“Sen öz özüňden utan”diýip gyzjagaz gygyrdy.”sen äpet haýwan, güjüjegi dişlejek bolýaň!Sen hakyky gorkak!”

Ýolbars hassylap: “Men bilýän,men ony hemişede bilýädim” diýip aýtdy . Onuň gözlerinden ýaş göründi-de burnundan ýere damdy. ”Seň güjüjegiň kiçijegem bolsa menden has batyr”diýip guýrugy bilen Totony görkezdi.

“Ýöne bu bolup biljek zat däl, haýwanlaryň şasy gorkak bolmaga haky ýok”diýip Garantga aýtdy. ”Men bilýän ,ýöne şu meň uly keselim” diýip Ýolbars gynanç bilen boýun aldy. Haçanda bir howp abansa meň ýüregim öňkidenem çalt urup başlaýar.”

“ Sende iň bolmanda ýürek bar”diýip Galaýy odun çapyjy gürrüňi böldi.

“Mende olaryň hiç biri ýok şonuň üçin men betbagt.”

Ýolbars: “Belkide mende ýürek bolmadyk bolsa men batyr bolardym” diýär.

Garantga: “seň beýniň bir barmy?”diýip sorady.

Ýolbars “Barmykara diýýän.” jogap berýär.

“Mende weli häzir hiçisi ýok. Ýöne biz Zümerret şäherine Beýik Ozy görmäge barýas,men ondan käbir zat soramakçy”

“Men bolsa ondan ýürek soramakçy”diýip Galaýy odun çapyjy goşuldy.

Doroty: “Men weli ondan Toto bilen meni yzymyza Kanzasa ibermegi sorajak” diýdi .

Olar Ýolbarsa öz başdan geçirmelerini birin birin gürrüň berdiler. Ýolbars biraz pikirlenenden soň :”Siz nähili pikir edýäňiz Beýik Oz maňa batyrlyk berip bikermikä?”diýip sorady.

“Aňsatlyk bilen eger maňa beýni berse” Garantga diýdi.

Galaýy odun çapyjy: “Ýa-da maňa ýürek” goşdy.

“Eger siz garşy bolmasaňyz menem siz bilen gidip batyrlyk soramakçy”diýip gorkak Ýolbars aýtdy.

“Baş üstüne “diýip köşeşen Doroty razylyk berdi.

Begensekde aýylganç tokaý tamamlandy. Dört dost ýene güllere bürenip oturan ýaşyl meýdany görüpdiler. Olar iki tarapy gülläp oturan sary ýol bilen barýadylar. Ähli güller gyzyl gülälekdi olar şeýle güýçliden süýji yslydylar. Bir salymdan gülleriň ysyna Dorotyň kellesi agyryp ukysy tutup ugrady. Şol ýagdaý Toto bilen Ýolbarsada täsir edip başlady. Soňa baka olar kynlyk bilen ýöreýädiler.



“Sizi ukladýan şu güller’diýip Garantga dostlaryny synlap aýtdy.”Näme üçin maňa ýa Galaýy odun çapyjy täsir edenok,sebäbi biz adam däl biz başardygymyzdan bärden ökçäni götermeli,ýogsam biziň hemmämiz baky uka gideris gaýdybam oýanmarys. ”Diýenem şoldy welin Doroty ýere ýykyldy-da çalt uka gitdi. Olar ony oýarmaga synanşdylar emma başarmadylar. Garantga Ýolbarsa tarap gygyrdy: ”başardygyňdan çalt şu meýdandan daşyna ylga. Biz Doroty bilen Totony göterip bileris, emma sen uka gidäýseň biz seni hemişelik goýup gitmeli bolarys.Sebäbi sen biz üçin gaty agyr.”

Ýolbars kellesini ýaýkady-da başardygyndan tiz ylgamaga çalşdy ahyry meýdanyň daşyna ýetdi.

Galaýy odun çapyjy bilen Garantga Doroty,Toto ikisini göter-de ýollaryny dowam etdiler.Bir näçe sagatdan soň ,olar gülälekli meýdandan daşyna ýetdiler,Dorotyny salkyn şemal oýarar ýaly edip otluguň üsünde ýatyrdylar.Olaryň duran ýerlerinden güläleklerиň içinde ýatan Ýolbars göründi.Olar ony meýdandan çykarmaga synanşdylar emma ol äpet haýwan gaty agyrdy.Bir sagada gowyrak kösençden soň olar ony gülleriň içide galdyrmaly boldylar. Soň olar bialaç ukudaky Dorotynyň ýanynda ümsüm oturdylar. Olaryň hiçisem öz dostlaryny taşlap gitmek islemeýärdiler. Birden Galaýy odun çapyjy otlaryň arasynda ýaban pişigiň ejizje haýwanjygy kowalaýandygyny görýär.Onda ýürek bolmasa-da ol bu görnüşi halamaýar,onda-da kömege mätäç jandara dözmeýär.Ol kän pikirlenmezden eline paltany alýa-da ýabany pişigiň kellesini kesýä.Görse bir çalja syçanjyk seredip dur.

“Sag bol,sen şu wagt meýdan syçanlarynyň şasyny halas etdi. Seniň bu ýagşylygyňy nädip gaýtaryp bilerin”

“Siz diýseň mylakatly siziň Alyhezretleriňiz, ýöne siziň edip biläýjek zadyňyz bardyr öýdemok”diýip Galaýy odun çapyjy aýtdy. ”Wiý, ýogsada bir iş bar eger dogrydanam kömek edip bilseňizeň. Bize dostumyz Ýolbarsy meýdandan çykarmaga kömek etseňiz gaty minetdar bolardyk.

“Ýolbars?!”diýip syçanlaryň şasynyň ýüregi ýaryldy. ”Ol bizi iýäýse näme?”

Galaýy odun çapyjy: ”ýok ol sizem biziň dostlarymyzyň hijiňizi hem iýmez”.

“Gaty gowy men size kömek etjegime söz berýän , men nämeden başlasamkam?” Ýolbarsy nädip halas etmelidigiň pikirini eden Garantga syçana ýüzlenip:

“Siz öz syçanlaryňyzy şu ýerik hersi bir bölek ýüpli geler ýaly edip bilersiňmi”diýdi. Şolbada otuň üsti herekete geldi-de ähli ýerden müňlerçe syçanlar peýda body.Garantga Galaýy odun çapyjy baglardan berk tekerli araba ýasamagy tabşyrdy.Tabşyrlan iş tamamlanandan soň Garantga syçanlara bölek ýüpleri araba daňmagy tabşyrdy, bir az soň ol syçanlara ukudaky Ýolbarsly arabanyň öňe çykmagy buýurdy. Haçanda olar öz dostlaryny tapanlarynda Garantga bilen  syçanlar uly güýç bilen ony araba ýüklediler syçanlara bolsa çekmegi buýurdy. Iki dostuň bagtyna araba ýuwaşadan meýdandan daşyna süýşüp ugrady. Bir sagatdan gorkak Ýolbars meýdanyň daşynda howasyz ýerde Dorotynyň ýanynda ýatyrdy. Meýdan syçanlary ýadap öýlerine sümdüler.Iň soňky gaýdyp barýan syçanlaryň Şasy gitmezinden öň:”Eger ýenede kömegimiz gerek bolsa bizi çagyrmak ýeterlik biz derrew dadyňyza ýetişeris”diýdi-de hoşlaşdy.

# IV bölüm
# Beýik Oz



Doroty bilen Ýolbars gözlerini açan batlaryna olar wagt ýitirmezden asmanyň ýaşyl öwüsýän ýerine tarap ýola düşdiler. Zümerret şäheri görnüp ugrady. Ýol boýy Garantga bilen Galaýy odun çapyjy olara zäherli gülälekler hem-de syçanjyklaryň kömege ýetişişleri barada gürrüň berdiler. Doroty hem-de Ýolbars dagy syçanjyklara minnetdarlyklaryny bildirdiler we özleriniň syýahatlarynyň ahyrlap barýandygyna begendiler.Olara Zümerret şäherine ýetmek onçakly köp wagt almady. Olar beýik derwezä ýetip saklandylar we jaňa basdylar. Olary depesindäki ýaşyl papakdan başlap aýagyna çenli ýaşyl geýinen adam içine goýberdi.



“Men derwezäň garawuly” diýip ol aýatdy “Siz Zümerret şäherinde näme etmegi arzuw edýäňiz”

“Biz Beýik Ozy görmäge geldik” diýip Doroty mylakayly jogap berýär.” Siz bize ýol görkezip bilmersiňizmi?”

Derwezäň garawuly: “Elbetde” diýip jogap berdi” ýöne ilki siz şu äýnekleri dakynmaly bolarsyňyz” diýdi-de içi dürli ölçegdäki äýnekli gutyny açdy”

Doroty: “Ýöne näme üçin” diýip sorady.

“Sebäbi eger siz äýnekleri geýmeseňiz Zümerret şäheriň haýran galdyryjy şöhlesi gözleriňizi kör eder. Iň bärki şäheriň ýaşaýjylary hem äýnek dakynýarlar.”

Ol biziň üçin gutudan bäş sanysyny çykardy: ”Häzir men bulary kelläňize geýdirip guplaryň şäherden çykmakçy bolaňyzda bolsa açyp bererin” diýdi.

Şeýlelikde ol bir jübüdi Dorotyň gözlerine geýdirip kiçijik açar bilen guplady. Biziň herimize gabat gelýänini dakyndyk hat-da Totoda özüne laýygyny geýdi. Soň bulary garawul Zümerret şäherine barýan ýoly görkezdi. Ol olara tä şäheriň iň uly Zümerret daşy bilen örtülen haýatly äpet bina eltýän ýaşyl dükanly hem-de ýaşyl öýli ýaşyl ýoly görkezdi ol Beýik Oz köşgüdi onuň gapysyny ýaşyl formaly we ösgün sakally esger ony görüp durdy.

“ Bu nä tanyş adamlar Beýik Ozy görmek isleýärler” diýip derweze garaguly esgere habar berdi. Esger kellesini ýaýkady we olara biraz garaşmagy tabşyrdy we Beýik Ozyň ýanyna gitdi. Olar esger yzyna gelýänçä köp garaşmaly boldylar.

“ Beýik Oz siziň ähliňizi kabul eder, ýöne ol günde biriňizi kabul eder” diýip esger aýdýar. Bäş dost mylakatlylyk bilen kellelerini ýaýkaýalar. “Şeýlelikde siz köşkde bir näçe gün galmaly bolarsyňyz. Geliň men size otagyňyzy görkezeýin. Olar esgeriň yzy bilen özleriniň owadan otaglaryna bardylar. Otagdaky mebelleriň ählisi dürli Zümerret daşyndan ýasalandy. Doroty , Toto we Ýolbars gaty ýadawdylar şolbada uka batdylar. Diňe Garantga bilen Galaýy odun çapyjy uklap bilmän bütin gije beýik Oz hakda pikir etdiler. Ertesi irden ertirlikden soň Doroty ilkinji Beýik Ozuň kabulhanasyna çagaryldy. Onuň dostlary makullamak

bilen ýylgyrdylar we oňa üstünlük arzuw etdiler. Esger ony Zümerretli otagyň içi giň karidor bilen tä hökümler otagyna ýetýänçäler alyp gitdi. Bu gapa Doroty ýeke özi girmelidi.

Haçanda gapyň içine girende ol iň uly we ýap-ýaşyl otaga düşdi, beýle otagy ol ömründe-de gürmändi. Otagyň ortasynda uly tagt durdy onuň merkezinde äpet kelle durdy.



Ol hiç zada berkidilmedikdi we onda bir saçam ýokdy. Ol äpet burunly, gözli we agyzly ýumurtga meňzeýärdi we ol ýuwaş gürleýärdi:

“ Men Elhenç we Äpet Oz! Näme sebäpli meni görmek islediňiz?”

“Meniň adym Doroty , men sizden kömek soramak üçin geldim.”

Kelle gaşlaryny galdyrdy-da Dorota üns bilen seretdi-de:” sen bu kümüş köwüşleri nireden aldyň?” diýip sorady.

“ Gündogaryň erbet arwahyndan, haçanda öýümiz onuň üstüne gaçyp ony öldürende.”

“Hä, onda maňlaýyňdaky belgi nireden düşdi?”

“ Ony gowy Jadygöý aýal maňlaýymy ogşanda galdy.”

“Hä, beýle bolsa sen meň näme etmegimi isleýäň?”

“ Meni yzyma Kanzasa Daýzam Em we Daýym Henriň ýanyna iber. Olar men hakda alada edýändirler.”

Soň oňa Doroty howa barada we özüniň Oz ýurdunda başdan geçirmelerini gürrüň berdi.

Haçan ol gürrüňini tamamlanda äpet kelle “ Bolýa diňe bir şert bilen men seni yzyna Kanzasa ibererin.”

Äpet Kelle biraz sägindi-de düşündirmäge başlady.

“ Günbataryň Jadygöýüni öldür.”

“ Ýöne men ony başarmaryn” Doroty geň galyp ýüzlendi.

“ Näme üçin başarmarsyň” diýip Äpet Kelle erbet ýylgyrdy. Sen olaryň birinä öldürdiň, häzir saňa ýene birini öldüräýmek galdy. Diňe şondan soň men seni yzyňa Kanzasa ibererin.” Doroty aglap

otagdan çykdy. Ol öz otagyna geldi ol ýerde dostlary oňa sabyrsyzlyk bilen garaşyp durdylar. Olar Ozyň islegini eşdip gynandylar. Olar Ozyň olardan näme sorarka diýip gyzyklandylar. Ertesi irden, Garantga kabulhana çagyryldy. Ol gitmäge taýyndy. Haçanda ol Äpet Kelläň otagyna girende owadan zenan ony garşy aldy.

Haçan-da ol öz hekaýasyny gürrüň berip, öz beýik arzuwynyň beýnili bolmakdygyny aýdanynda, Hanym: “ Örän oňat. Eger sen Dorota Günbataryň Zalym Jadygöýini öldürmäge kömek etseň, men saňa örän gowy beýni bererin we sen Oz ýurdunyň iň paýhasly adamsy bolarsyň.”-diýip jogap berdi.

Garantga Tagt otagyny taşlady we öz dostlaryna goşuldy.

“ Bu Oz beýik bolmagy mümkin, ýöne oňa edil Galaýy odun çapyjynyňky ýaly ýürek zerur”- diýip, ol ilki belledi.

Ertesi irden Galaýy odun çapyjy Tagt otagyna çagyryldy. Ol tagtda adam ýa-da Hanymy görerin öýdýärdi, emma oňa derek ol sözlere derek arlaýan, äpet ýyrtyjynyň tagtda oturanyny görüp haýran galdy. Näme-de bolsa, Galaýy odun çapyjy ýyrtyjynyň seredişine öwrenişendi. Ol öz hekaýasyny gürrüň berdi we öz isleginiň söýýän ýürekli bolmakdygyny aýtdy.

“Bolýa! Eger sen Dorota Günbataryň Zalym Jadygöýini öldürmäge kömek etseň, men saňa ýürek bererin”-diýip, Ýyrtyjy arlady.

Haçan-da Galaýy odun çapyjy Tagt Otagynda bolan zatlary dostlaryna gürrüň berende, olaryň hiç haýsy Gorkak Ýolbarsyň hem ertir şondan başga jogap eşitmejekdine şübhelenmediler. Olar mamla çykdylar. Ertesi irden Ýolbars Tagt otagyna äpet Alaw Topuny görmäge girdi. Onuň saçy hüžžerip, ýüregi çalt urup

başlady. Ýuwaşja sandyraýan ses bilen ol öz hekaýasyny gürrüň berdi we Beýik Ozdan mertlik sorady. “Eger sen Dorota Günbataryň Zalym Jadygöýini öldürmäge kömek etseň, islegiňi berjaý ederin”-diýip, topdan pes, hyşşyldyly ses geldi.

## V bölüm
## Günbataryň Zalym Jadygöýi



Ertesi gün bäş dost köşkde özleriniň soňky ertirligini edindiler. Olaryň keýpi kök däldi.  “ Biziň ýekeje çykalgamyz bar. Ol hem Winkiýleriň Sary Ýurduna gitmek we Günbataryň Zalym Jadygöýini öldürmek.”- diýip, Garantga aýtdy.

Olar gamgyn halda razylaşdylar we derrew öz syýahatlaryna başladylar.

Esger olara derwezäň ýoluny görkezdi we ol ýerde olar Garawula duşdy. Ol olaryň äýnegini aýyrdy we seresaplylyk bilen öz gutusyna saldy.

“ Köp-köp sag boluň. Indi bize haýsy ýoluň Günbataryň Zalym Jadygöýine eltýänini aýdyp bilmersiňizmi?”-diýip, Doroty sorady.

“ Ol ýere ýol ýok. Hiç kim ol ýere gitmek islemeýär”-diýip, Garawul geň galyp jogap berdi.

“ Wah, biz onda nädip ony taparys?”-diýip, Doroty sorady.

“ Ondan aňsat zat ýok. Haçan-da ol siziň onuň öz ýurdundadygyňyzy bilse, onuň özi sizi tapar we öz guluna öwrer. Häzir bolsa diňe günüň batýan tarapyna ýöräberiň”-diýip Garawul aýtdy.

Şeýdip Garawul Derwezäni açdy we olary Şäheriň daşyna çykardy. Biziň dostlarymyz aňsat boýun gaçyrmadylar. Olar Beýik Ozyň hökmürowanlyk edýän Zümerret Ýurdunyň tebigatyna haýran galyp, günbatara tarap ýöräberdi. Emma agşam ýer görksiz we depeli bolup başlady. Olar Winkiýleriň Sary Ýurduna girendiris diýip güman etdiler. Uzakda, Günbatarda, olar beýik sary daglary gördi we nädip ondan geçerkak diýip oýlandylar.

Olary ilki Zalym Jadygöý gördi. Her gün ol özüniň dagdaky Sary Galasynyň gapysynda oturýardy we öz ýurdunda bolup geçýän zatlara seredýärdi. Onuň ýeke gözi bardy. Emma ol teleskop ýaly ýitidi we Winkiý Ýurdunyň islän çüňküni uzakdan görýärdi. Şol gözi bilen ol Doroty we onuň dostlarynyň gala tarap gelýänini gördi. Zalym Jadygöý gahardan sandyrady.

Ol öz şkafyndan Altyn Papagyny aldy. Papagyň örän özboluşly güýji bardy. Ony geýen adam üç gezek Ganatly Maýmynlary çagyryp, olara islän zadyny, hat-da örän elhenç zatlary buýrup bilýärdi. Ýöne hiç kim ol jandarlary üç gezekden artyk çagyryp bilmeýärdi. Zalym Jadygöý ony eýýäm iki gezek

ulanypdy: Birinjisi, haçan-da Winkiýleri özüne gul edeninde we ikinjisi, Beýik Oz bilen bolan söweşde. Ol Dorotyny göreninde bir howpuň abanýanyny aňdy we Ganatly Maýmynlary çagyrmakdan başga alajynyň ýokdugyny bildi.

Şeýlelikde, ol Altyn Papagy kellesine geýdi we ýuwaşjadan:

“Ep-pe, pep-pe-kak-ke!”

“Hil-lo, hol-lo, hel-lo!”

“Ziz-zy, zuz-zy, zik!” – diýdi. Şol wagt asman garaldy we Jadygöýiň galasynyň töweregine bir topar Ganatly Maýmynlar gonmaga başlady. Olaryň serdary Jadygöýiň garşysyna gelip, gorkunç, çirkin ses bilen, ýarym gepläp, ýarym gülüp: “ Sen bizi soňky, üçünji gezek çagyrdyň. Sen bizden näme isleýäň?”- diýdi.

“ Meň ýurduma gelen kesekilere tarap git we Ýolbarsdan galanyny ýok et. Ol maňa at deregine hyzmat eder. Ha! Ha! Ha!” Ganatly Maýmynlar derrew gije dynç almak üçin taýýarlanyp oturan Doroty we onuň dostlaryna tarap uçdylar. özlerine hüjüm edip gelýän Maýmynlary gören dostlar gaçmaga başlady, emma olar uzaga gitmedi. Maýmynlaryň biri Garantgany tutdy we onuň geýmindäki we kellesindäki samanlary sogrup, Winkiýleriň Ýurdundaky iň beýik bagyň depesine zyňdy. Başga bir maýmyn Odun Çapyjyny tutdy we ony göterip, kert gaýadan birnäçe gezek taşlap gymyldamaz ýaly ýemşik-ýümşük etdi.

Emma olar Dorotynyň maňlaýynda ýalpyldaýan belligi görüp, ne onuň özüne, ne-de Tota degip bilmediler. Şeýlelikde ikisini we Ýolbarsy Zalym Jadygöýiň galasyna alyp geldiler we Jadygöýiň öňünde oturtdylar.

“ Biz elimizden geldigiçe saňa gulluk etdik”-diýip, Serdar maýmyn Dorotyň kellesindäki belligi yşarat etdi. “We indi seniň bize bolan hökümiň gutardy”

Soňra olar çirkin ses edişip, ýerden göterildiler we derrew gözden gaýyp boldular.

Haçan-da Zalym Jadygöý Dorotynyň maňlaýyndaky belligi we onuň kümüş köwşüni göreninde, oňa zeper ýetirip bilmejekdigine göz ýetirdi. Soňra jadygöý Dorotynyň gözlerine seredip, onuň öz güýjini ulanmagy bilmeýändigini bildi. Ol ýigrenji ýylgyrdy we gorkunç ses bilen:” Seniň işiň meniň aşhanamy arassalamak. Eger-de işiňi göwnejaý etmeseň, senem Garanty bilen Odun Çapyjynyň gününe düşürerin!”-diýdi. Doroty gorkusyndan sandyrady we derrew işe başlady. Zalym Jadygöý örän arkaýyn seretdi we Ýolbars bilen gürleşmäge bardy. Ýöne bu beýle bir aňsat bolmady. Ýolbars başardygyndan elhenç arlady we at edip münmeg-ä beýlede dursun, Jadygöýi golaýyna-da eltmedi.

“Men seni çapyp bilmesemem, aç öldürip başarýan. Meň islänimi edýänçäň saňa iýere zat ýok!”

Şeýdip, Ýolbars-a aç-suwsyz demir gözenegiň arkasyna taşlandy, Doroty bolsa gije-gündiz Jadygöýiň aşhanasynda işledi. Olaryň ýagdaýy örän erbetleşdi. Ýekeje gowy pursat, ol hem Dorotynynyň gündizine aşhanadan ogurlan iýmitini, Jadygöý uklan wagty gözenekden geçip, Ýolbarsa bermegidi. Şeýle-de olar gaçmagyň we dostlaryna nämeleriň bolandygynyň aladasyny edýärdi. Käwagt bolsa olar bileje aglaýardylar. Jadygöý Dorotydan kümüş köwşi ogurlamagyň aladasyny edýärdi. Ol Altyn Papagyň bar güýjini ulanypdy we indi oňa başga bir jady gerekdi. Emma Doroty kümüş köwşüni gowy görýärdi we ony

diňe suwa düşen wagty çykarýardy. Jadygöý bolsa suwdan öler ýaly gorkýardy we barmaga milt edip bilenokdy.

Günbataryň Jadygöýi diňe bir zalym bolman, eýsem ol örän akylly bolupdyr we ahyr köwşi hilegärlik bilen almak kararyna gelipdir. Ol Doroty poly ýuwmak bilen başyna gaýka, ol aşhana gelipdir. Ol ýerde Jadygöý Dorotynyň işleýişine syn edipdir we seresapsyzrak wagty ony öl polda taýdyryp ýykmak üçin ähli jadyly dogalaryny ulanypdyr. Doroty ýykylypdyr, ýöne onuň diňe bir köwşi aýagyndan uçupdyr. Jadygöý ony howadaka alypdyr we bir aýagyna geýipdir. Bu bolsa Dorotyny örän gaharlandyrypdyr. “ Sen Jadygöý bolup bilersiň, ýöne seň meniň köwşümi almaga hakyň yok!”- diýip, Doroty Jadygöýe gygyrdy we pikirlenmezden pol ýuwlan, hapa suwly bediräni alyp, onuň üstüne serpdi. Jadygöý boýdan-başa ezilipdi. Jadygöý aýylganç gygyrdy we eräp, goňur, hapa palçyga öwrülip başlady.



“Men şunça wagtlap suwdan seresap bolup gezdim. Ýöne seniň ýaly kiçijek gyzyň meni aňsatjak ezip biljekdigini hiç pikir etmeýärdim.” Bu Jadygöýiň soňky sözleridi.

Sähel salymdan soň Jadygöýden diňe kümüş köwüş bilen Ýolbarsyň kapasasynyň açary galdy. Doroty olary aldy we Ýolbarsa bu gowy habary aýmak üçin ylgady.

## VI bölüm
## Ozyň tapylyşy. Howp



Bir bada Ýolbars bu şowlulyga ynanmady, ýöne Doroty oňa kapasanyň açaryny görkezdi we ony azat etdi. Soňra olar ähli Wikiýleri çagyrdylar we şu günden şeýläk olaryň gul däldigini aýtdylar. Muny eşiden Winkiýler özlerini dünýäniň iň bagtly adamsy saýdylar we aýdym aýdyp, tans oýnamaga başladylar.

“Ah, dostlarymyz hem biz bilen bolaýmala”-diýip, Ýolbars uludan demini alyp, şadyýan Winkiýlere göwnüçökgünlik bilen seretdi.

“Dogry! Onsaňam, gel biz Winkiýlilerden kömek sorap göreli?”-diýip, Doroty aýtdy.

Winkiýler özleriniň halaskärlerine kömekleriniň degjegine has-da begendiler. Olaryň bir topary Galaýy odun çapyjyny we Garantgany gözlemäge ugradylar. Üç günden soň olar Ganatly Maýmynlaryň rehimsiz zeperinden soň iki dostlaryndan galan zatlar bilen dolandylar. Doroty we Ýolbars gözi ýaşly, zordan gürlediler. Emma basym Garantga Winkiýleriň tapan iň gowy samanlary bilen dolduryldy we Winkiýleriň Ýurdunyň iň ökde demirçisi Galaýy odun çapyjyny öňki şekiline getimek üçin işe başlady. Birki günüň içinde dostlaryň ikisi-de örän gowy ýagdaýa getirildi. Olar begenjinden gaýta-gaýta gujaklaşdylar we dabaraly bellediler. Ertesi Doroty:” Biz Oza dolanmaly we ondan öz beren sözünde tapylmagyny soramaly”- diyip, dostlaryna aýtdy.

Olar razylaşdylar we ertesi gün öz syýahatlaryna başlamaga taýyndy. Winkiýler olaryň gaýdýanyna örän gynyndylar. Hatda olar Odun Çapyjydan galyp, özlerine serdar bolmaklygyny hem soradylar. Ýöne olaryň hemmesiniň Oza gitmelidigine göz ýetirip, olar Galaýy odun çapyjydan yzyna dolanyp, özlerine patyşa boljakdygyna söz bermegini isläpdirler we olara ak ýol arzuw edipdirler.

Haçan-da Doroty goşuny ýygnap ýörkä, Jadygöýiň şkafyndan Altyn Papak tapdy. Ol ony geýip gördi. Papak oňa laýyk eken we köwşi bilen täsin gabat gelýär eken. Ol ony almagy ýüregine düwdi. Ertesi irden olar Zümerret Şäherine tarap ýola düşdiler, emma syýahat örän kyn geçdi. Ol ýerde ne ýol, ne-de

ýoda bardy.  Bäş dost günläp-hepdeläp depeden-depä ýörediler we ahyr özleriniň ugruny ýitirendiklerini bildiler. Olar şeýle bir ýadadylar, zordan ýöreýärdiler.

“ Geliň biz meýdan syçanlaryny çagyralyň! Belki olar bize kömek eder”-diýip, Garantga ahyr dillendi.

“ Gör nähili ajaýyp pikir!”-diýip, olar syçanlary çagyrmaga başlady.Bir salymdan soň, müňlerçe kiçijek aýak sesleri eşidilip ugrady we olaryň daş-töweregi kiçijek çal syçanlardan doldy.

“ Bizden size näme kömek gerek?”-diýip, Şa aýal ýuwaşja ses bilen sorady.

“Biz ýolumyzy ýitirdik we indi nädip Zümerret  Şäherine aşjagymyzy bilemzok”

Syçanlaryň Şa aýaly olara geň galyp seretdi.

“Näme üçin siz Altyn Papagyň jadysyny ulanaňzok?”. “ Men munyň jadylydygyny bilemokdym”-diýip, Doroty çalaja aljyrajak boldy. “Hawa bu jadyly. Sen munyň kömegi bilen Ganatly Maýmynlary çagyryp bilersiň. Olar sizi bir sagada ýetirmän Zümerret  Şäherine äkiderler. Jadyly sözler Papagyň iç ýüzünde ýazylandyr.”-diyip, Şa aýal jogap berdi we beýleki syçanlaram yzyna düşürip gözden gaýyp boldy.Doroty Papagyň içine seretdi we üns bilen dogany okady:

“Ep-pe, pep-pe-kak-ke!”

“Hil-lo, hol-lo, hel-lo!”
“Ziz-zy, zuz-zy, zik!”

Bir salymdan, Ganatly Maýmynlaryň topary olaryň öňüne gondy. Olaryň serdary Dorotyň öňünde baş egdi we : “ Siz bizden näme isleýäňiz?”-diýip, sorady.

“ Bizi Zümerret Şäherine äkidip bilersiňizmi?”-diýip, gyzjagaz sorady.

“Elbetde”-diýip, serdar jogap berdi we olar derrew asmana galyp, Zümerret Şäherine tarap ýola rowana boldy. Garantga we Galaýy odun çapyjy henizem gorkýardy we mümkin boldugyça Dorotynyň ýakynynda uçmak isledi. Doroty bolsa özüni örän rahat duýdy. Edil syçanlaryň Şa Aýalynyň aýdyşy ýaly, bir sagada ýeter-ýetmez, olar Zümerret Şäheriniň Derwezesine bardylar.



Bäş syýahatçylary şol öňki derweze Garawuly, edil öňküsi ýaly edip, olara ýaşyl äýnek dakyp, şähere goýberdi. Haçanda olar oňa Günbataryň Ýowuz Jadygöýini eredip ýegsan edenliklerini aýdanlarynda, ol olaryň öňünde pessaý egilip Oz köşgüne tarap alyp gitdi.

Olar ol ýerden özlerine meňzeş ýaşyl egin başly täzelik diňläp otyran, gözlerini örän giň açyp Oza ol barada aýtmaga howlugyp ylgap barýan harby gullukça duşdy. Az salymdan, harby gullykçy ”Jadygöýi daň bilen görmek baradaky”çakylygy bilen yzyna dolanyp geldi. Olar harby gullukçynyň yzy bilen häzirki wagtda Jadygöýiň nähili görnüşe girjekdigine garaşyp, Labirintiň (Gadymy Gresiýada we Müsürde: ullakan gat-gat jaý) bulam-bujar, Zümerret otaglaryndan, geçelgelerinden ýöräp gelýärdiler. Emma olar Tagt Otagyna girenlerinde ajaýyp oturgyçda hiç kimi görmediler. Olar diňe şol tarapdan gelýän aýylganç sesi eşitdiler:

“Men Elhenç we Äpet Oz. Siz meni näme üçin görmek isleýärsiňiz?”

“Biz seniň beren sözüňde tapylmagyňy soramaga geldik.”

Aýylganç ses: “ Ýowuz Jadygöýiň ýegsan bolanlygy hakykatmy?” diýip sorady.

Doroty buýsanç bilen “hawa, men ony bedireli suw bilen eretdim ” diýip jodap berdi.

” Örän oňat! Beýle bolsa siz ertir geliň sebäbi maňa pikirlenmäge biraz wagt gerek boljak” diýip ses geldi.

Garantga “Siziň wagtyňyz köp bolupdy” diýdi.

Ýolbars häzirki wagtda Jadygöýi biraz gorkyzmak barada pikirlendi we başardygyndan ayylganç sesi bilen erbet arlady. Duýdansyz dörän arlama, heniz Ýolbarsyň arlamasyna öwrenişmedik Totony  howsala saldy, we biçäre kiçi güjüjek burça böküp gitdi we kellesini baryp tagta urdy. Tagta  aşaklygyna gaýtdy we onuň aňyrsynda ýüzi gasyn-gasyn, gözleri gorkuly kiçijik garryja adam durdy.Ol pessaý sesi bilen :” Men Elhenç we Äpet Oz. Ýöne maňa degmäň” diýdi.

Bäş dost kiçijik adama örän geň galyp seretdip:” Biz saňa Äpet kelleli ýa-da Äpet mahluh diýip çak etdik” diýdi.

Kiçijik adam:”Oh,ýok,ýok. Men sizi diňe aldadym.” diýip gamgyn seslendi.

“Aldadym?! Sen asyl Beýik Jagygöý dälmiň?” diýip Doroty gygyrdy.

Kiçijik adam:” Asla ol däl meniň mähribanym” diýdi. Ol tagtaň aňyrsyndaky äpet kelleli, mylakatly hanymyň egin-eşiklerini geýinen äpet mahlugyň ýarsy ýanan pagtaly burçy görkezdi.

“Gel gowsy men size düşündireýin. Men Omahada doguldym.” diýeninde  Doroty:” Omaha Kansasdan uzakda däl” diýip gürrüňi böldi.

Oz:“ Ýok, emma bu ýerden uzakda” diýip gamgyn seslendi. “Men sirkde ulaldym we wantrilok (dodaklaryny gymyldatman gepleýän adam) bolup ýetişdim.”

“Kim?” diýip Ýolbars sorady.

“Ýagny men öz sesim bu otagyň islendik ýerinden çykar ýaly edip bilýändigimi aňladýar. Edil sizi aldaýyşym ýaly.”

Olaryň ählisi geň galdylar.

“Ýöne soňra men aeronawt (howada uçyjy) boldym.” diýip Oz sözüni dowam etdi. “ Meniň kärim howa şarynda aýlanyp

çykyp sirkdäki täze çykyşlary öwüp arşa çykarmak. Ýöne bir gün, howa şaryny saklaýan ýüp bozuldy we men howada galdym. Men köp wagtlap yzyma düşüp bilmedim şeýlelikde, ertesi gün ýuwaşlyk bilen bu ajaýyp ýurda düşdüm. Meniň howadan ýere düşüp barýanymy gören adamlar maňa Beýik Jagygöý diýip pikir etdiler we men näme ýumuş buýursam ýerine ýetirmäge razylaşdylar. Bu meniň göwnimden turdy we men adamlardan şu şäheri we maňa köşk gurmaklaryny soradym. Ýurdyň daş-töweregi ýaşyldy şonuň üçin men şäheri Zümerret Şäheri diýip atlandyrdym. Öz adyna has-da mynasyp bolar ýaly, Men her bir adamyň ýaşyl äýnek dakynmagyny buýurdym şeýlelik bilen adamlar ähli zady ýaşyl görnüşde görjekdi."

Doroty:" Soňra şäherde ähli zat ýaşyl bolýarmy?" diýip sorady. Beýik Jagygöý:" Başga şäherler ýaly däl, ýöne bu ýeriň baýlygy hem-de ilatynyň bagtlydygy welin hakykatdyr. Men şäheri adalatly dolandyrdym, adamlar hem meniň ýaly adalatly şonuň üçin hiç kime meniň sypatymyň nähilidigini bilmezler ýaly olara näçe ýyllap özümi görkezmedim. Emma olar heniz hem meniň Jadygöýdigime ynanýarlar. Bagtyma siziň ýok eden ýowuz Jadygöýleriň ikisi hem şeýdipdir. Ýogsam olar bir eýýäm meniň bellimi ederdiler. Emma şu wagt olar ýok edildi we indi men çynym bilen size beren sözümde durmajagymy aýdyp biljek." Garantga lapykeçlik bilen:" Onda maňa akyl berip bilermiň?" diýip sorady.

"Onuň saňa geregi ýok. Sen her gün bir zat öwrenýäň we ömrümde sen ýaly akylly Garantga barada öň eşitmändim."

Garantga:" Şeýle bolsa hem hakyky beýnim bolmasa men bagtly bolup bilmerin" diýip gamgyn seslendi.

Bir pursat pikirlenenden soňra:” öran gowy” diýip Oz jogap berdi. “Sen meniň ýanyma gel, men seniň kelläňi beýniden dolduraýyn.”

Ýolbars:” Meniň bagtyrlygym näme?” diýip sorady.

Oz bolsa:” Hakyky edermenlik gorkýan çagyn howpa garşy durmakdyr. Beýle edermenlik bolsa sende örän köp diýdi.

Ýolbars:“ Mümkin” diýdi. “Ýöne howpdan çalaja hem gorkmazym ýaly has batyr bolsam juda gowy bolardy.”

Oz:“Örän gowy” diýip demini goýberdi. “Ertir geläý ol sende bolar.”

Galaýy odun çapyjy:” A meniň ýüregim näme?” diýip sorady.

“Sen hem ertir geläý” diýip Jadygöý ret etmän jogap berdi.

“Men näme?” diýip Doroty seslendi.

Jadygöý: “Meniň pikirimçe diňe ýeke ýol bar” diýip çynlakaý jogap berdi. “Biz meniň köne howa şarymy bejermeli. Ýöne gaýrat edip meniň syrym hakynda hiç kimiň ýanynda dil ýarmajagyňyza söz beriň.”

## VII bölüm
## Öýe dolanmak



Ertesi gün, Garantga ilkinji bolup Tagt Otagyna girdi. Garantgany gören Jadygöý: “Oho bolaýdy” diýdi.

Soňra ol Garantganyň kellesini açydy we ähli samanlary onuň içinden çykardy. Soňra Jadygöý kellesini samanyň,düwmäniň we temençäniň baryndysy bilen doldyryp Garantganyň bedenine guýdy.

Garantga dessine özüni örän parasatly duýdy. Ol Oza minnetdarlyk bildirip Galaýy odun çapyjy gireninde otagdan çykyp gitdi. Ony görüp Oz:”Hawa, men ilki bilen seniň döşüňden deşik ýasamaly boljak,men çekinýärin” diýdi.

Odun çapyjy :“Örän oňat,ol maňa agyry bermez” diýdi.

Şeýlelikde Oz Odun çapyjynyň döşünde kiçi deşik ýasady we pagtadan we ýüpekden doldurylyp ýasalan gyzyl, ajaýyp ýürek çykardy. Ol ýüregi  Odun çapyjynyň döşüne goýdy we deşigi bekledi.

Ondan soň, Galaýy odun çapyjy özüni dünýäde iň rehimli ynsan ýaly duýdy. Ol Oza minnetdarlyk  bildirip hoşlaşdy. Şol pursat hem Ýolbars girdi. Oz :”Hawa, seniň edermenligiň, ine ol.” diýdi. Ol kiçi çüýçe çykaryp, ondaky ýaşyl suwuklykdan jama guýdy.

Jadygöý Odun çapyja ony içmelidigini aýtdy. Ýolbars ikirjiňlenmän şol pursat jamy boşatdy. Onuň döşi dessine gyrmyzy boldy we ol özüni dünýäde iň batyr haýwan ýaly duýdy. Ol otagdan çykyp öz şatlygyny beýlekiler bilen paýlaşdy. Otaga Doroty girdi.

Oz :”Häzir mähribanym” diýip sözüni dowam etdi.”Biz howa şaryny döretmeli. Men ýüpek matadan käbir uzyn bölekleri keseýin, sen bolsa olary tikişdir. Soňra, halta göwrümi göwnejaý bolýança, biz onuň içine gök ýelim geýdiris we oňa uly sebedi daňarys. Soňra bolsa, ot ýakarys, haltanyň içini yssy howadan doldyryp uzaklara gideris.”

“Kansas tarapa!”

Oz :”Men şeýle umyt etýärin” diýdi. “Ýöne ilki bilen biz çöli kesip geçmeli. Soňra ýeňilleşer” Olaryň hem şeýle edeni anyk. Olar howa şaryny ýasamak üçin bütin bir hepde işlediler haçanda şar taýyn bolanda Oz Bulutlardaky Jadygöý doganyny howa şarynda görmäge barýandygy baradaky habary öz adamlarynyň arasyna ýaýrtmagy her birine tabşyrdy we Jadygöýiň ýok mahalynda Zümerret şäheri parasatly Garantga tarapyndan dolandyrylmalydy.

Ertesi gün, daň säher, Oz ähli ýüpleri barlaşdyrdy we sebede münip, şaryň yssy howadan dolup ýokary galmagyna garaşdy. Totonyň hiç ýerde ýoklugyny görende Doroty sebede münjek bolup durdy. Ol dessine Totony gözläp başlady. Doroty gidende oz sebedi ýere daňyp oňa garaşy. Doroty şaryň dolup sebedi ýerden galdyrýança gelmedi. Şar ýüpi güýç bilen çekip başlady.

Oz ellerinde Totony göterip ylgap gelýän Dorotyny gören badyna: “Gyssan eýjejigim”diýip gygyrdy. Ýöne, edil şol pursat hem şary saklaýan ýüp üzüldi we sebet bilen Ozy uçuryp alyp gitdi.



Doroty: “Yzyňa dolan” diýip gygyrdy.

Uzak aralykda gözden gaýýyp bolup barýan Oz: “Başaramok! Hoş gal!” diýip gygyrdy. Öýe dolanmaga hiç hili çykalgasy bolman soň Doroty uzakly gün we gijäniň köp bölegini aglap geçirdi. Muňa garamazdan, ertesi irden dostlary meseläni maslahatlaşmak üçin tagt otagyna çagyrdylar. Garantga bütin gijäniň dowamynda şeýle köp pikir etdi welin düwmeler we temençeler kellesinden daşyna çykyp başlady. Dostlary otaga giren badyna ol: “bir ganatly maýmynlary çagyryp olardan seni çölüň üsti bilen öýüňize eltmegi sorasak bolmazmy?”

Doroty: “Örän ajaýyp pikir ”diýip tolgunyp gygyrndy. Ol altyn papagyny çykardy we jadyl sözlerini gaýtalady. Şol pursat ganatly maýmynlaryň topary aýnadan uçup girdiler. Maýmynlaryň baştutany: “Näme islegiňiz bar?” diýip sorady.

Men : “Konzasa  öýe gitmek isleýärin.”.

Emma baştutan başyny ýaýkady. “Bu bolup bilmez. Biz diňe şu ýurda degişli. ”

Doroty: “Eýsem muňa hiç kim kömek edip bilmezmi?” diýip gamgyn sorady.

Baştutan: “Glinda kömek eedip bilerdi”diýip jogap berdi. “Ol günortanyň Kwardliň ýurdyny dolandyrýan mähirli jadygöý.” Şuny aýdyp ganatly maýmynlar uçup gitdiler. Ýolbars: “Gaty dogry. Biz günorta haçan ugraýas?” diýdi.

Doroty: “Siz meniň bilen gidersiňizmi?”

“Elbetde!”diýip Garantga bilen Odun çapyjydeňine jogap berdiler. “biz hemişe seniň bize kömek edişiň ýaly saňa kömek ederis.”

Ertesi gün olar eýýäm Kwardliň ýurdyna ýola düşdiler. Syýahat başdan geçirmelere baý boldy. Olaryň köpüsi howpludy. Emma bäş dost hemişe bir-birlerine kömege gelýärdiler. Ahyry soňunda iki-üç hepdeden soň olarKwardliňleriň gyzyl ýurdyna ýetdiler. Ol ýer hem edil Munçkinleriň ýurdy ýa-da Ozyň Zümerret  ýurdy ýaly owadandyr. Emma ähli zat Kwardliňleriň söýgüli reňki bolan ýakut ýaly gyzyl reňklidi. Örän oňat geçen iki günden soň olar günortanyň mähirli jadygöýi Glindanyň köşgüne ýetdiler. Glinda bir eýýäm olara garaşyp otyrdy. Olar ajaýyp bezegli gyzyl otaga çagyryldylar. Orta ýaşlaryndaky owadan aýal ýakutdan ýasalan tagtda garaşyp otyrdy. Mähirli gök gözli, doýgun gyzyl saçly jadygöý aýal owşun atýan ak owadan köýnek geýipdi.

“Hawa balam, men seniň üçin näme edip bilerin?”

“Men Konzasa öýümize gaýtmaga şeýle bir isleýärin.”

Onda Glinda: “Men muny ederin diýip ýylgyrdy.” “Emma sen maňa öz altyn papagyňy bemeli bolarsyň”

Doroty: “Höwes bilen” diýip çaltlyk bilen jogap berdi. “Ol maňa indi gerek bolmaz”

Glinda: “Maňa bolsa gerek bolar” diýdi.

“Men ganatly maýmynlardan parasatly Garantgany Zümerret şäherine äkitmegi soraryn. Halk özüniň täze ýolbaşçysyny eýýäm küýsändir.”

Garantga sadalyk bilen ýylgyryp baş egdi.

“Soňra bolsa”diýip Glinda öz sözüni dowam etdi. ”Men olaryň ak ýürekli Galaýy odun çapyjyny şu ýere günbatardaky Winkileriň Sary köşgüne äkitmeklerini sorajak. Ol ýerde halk öz täze baştutanyna sabyrsyzlyk bilen garaşýar.” Galaýy odun çapyjy

Winkileriň mähirli hoşlaşýan ýüzlerini ýatlap bagtdan ýaňa ýylgyry.

“Ganatly maýmynlardan sorajak üçünji islegim – batyr Ýolbarsy haýwanlaryň onuň şa edip bellän tokaýyna äktmekleridir. Ýolbars gaty geň galyp seretdide birden öýüni örän küýsändigini duýdy.

Doroty: “A men näme?” diýip sorady.

“Altyn köwüşleriň seni çölüň aňyrsyndak islän ýeriňe ýetirer. Sen diňe onuň ökjelerini üç gezek biri-birine kakda öz islegiňi aýt. Bar bolany. Eger sen olaryň güýjini öň bilen bolsaň bu ýere gelen ilkinji günüň sen yzyňa öýüňe giderdiň.”

“Emma onda meniň hiç haçan beýnim bolmazdy”diýip Garantga dillendi.

“Meniň bolsa ýüregim” diýip odunçapyjy seslendi.

Ýolbars hem özüniň heniz hem gorkaklygyna galjaklygyna aýtdy.

Doroty: “Meniň bolsa hiç haçan beýle dostlarym bolmazdy” diýip dostlaryny gujaklady.

Soňra ol Totony eline aldyda köwşüniň ökjelerine üç gezek kakdy we ýuwaşlyk bilen: “Meni daýzam Emiň öýüne alyp git ” diýdi.

Şol pursat ony bu ýere getiren harasatdan hem çalt uçup barýndygyny duýdy, muňa garamazdan ol örän ýakymlydy. Az salymdan Dorotyt daýzasy Genriniň onuň ýok wagtyýasan öýleriniň daşyndaky sary küdelenen otyň üstünde otyrdy. Doroty ýerinde turdy we aýagynda köwüşleriniň ýoklygyny gördi. Kümüş köwüşler oluçup gelýän wagty çölde gaçyp hemişelik ýok bolup gidipdir.

Em daýza ýaňy öýden çykjak bolup durka Dorotynyň özüne tarap ylgap gelýänini gördi.



Ol: “Meň eýjejik balam!” diýip aglap Dorotynyň ýaňaklarynda taýly gezek ogşady.

Doroty: “Men ýene öýde bolýanlygyma diýseň şat!” diýdi.

## MAZMUNY

I bölüm Harasat ........................................................ 1
II bölüm Garantga we Galaýy odun çapyjy.................. 7
III bölüm Gorkak Ýolbars we syçanlaryň şa zenany.... 14
IV bölüm Beýik Oz....................................................... 19
V bölüm Günbataryň Zalym Jadygöýi......................... 25
VI bölüm Ozyň tapylyşy. Howp................................... 30
VII bölüm Öýe dolanmak............................................. 37

Terjime edenler: Döwletmämmet Azady adyndaky
TMDDI-niň Roman -german dilleri we edebiýaty
fakultetiniň 304-nji toparynyň talyplary:

1. Öwezberdiýew Begenç.
2. Gökleňow Abdylla.
3. Allekowa Güljahan.
4. Pirmuhammedowa Jahan.

**Aşgabat 2011**